# Goşga siñdirilen degişmeler

Category: Degişmeler,Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Goşga siñdirilen degişmeler GOŞGA SIÑDIRILEN DEGIŞMELER…

– Goňşy, goýunlarňy boşatmaweri,
Torç edipdir sübseligmi, darymy.
– Bolýar, menem indi, girse bagyma,
Gyraryn dermanlap, ähli aryňy.

– Ýitiren zynjyrňy gözleýäň welin,
Gözüň-ä seň agyl bilen dölede?
– Wah, şol ýiten zynjyrymyň ujunda
Bolmaly bakylan semiz göle-de.

– Eşegiň-ä ýorga eken, bir nas al,
Gökläli, gök ýere gaçýanam bolsa.
– Wah, sakgaldaş, kädim öýde galypdyr,
Nas-a ýok, şu eşek uçýanam bolsa.

– Gawunma giripdir eşegiň, goňşy,
Awundyryn, daňjak bolsaň, daň indi.
– A-how, giren bolsa, kowup goýbärler,
Boljakmy sen eşek bilen deň indi?!

– Keselhana adam bary üýşüpdir,
Känmidi oň garyndaşy, ýeňňesi?!
– Ondan dosty, garyndaşy bizar-la,
Algydarlar – bu duranlaň hemmesi.

– Ketekden ýumurtga almasyn ogluň,
Tabşyr, goňşy, çal dulugna bolmasa.
– Wah, bilýän-le, gaty betdir Çaryşkam,
Kaýyl bolaý, towuklarňy almasa.

– Gazanjyňy ýerliklije sowarlar,
Pul diýen zat hazzyklyga baranok.
– Onyň dogry, goňşy, ýöne men senden

Karz pul soraýan, akyl soramok.

– Bazarda sataşdym dellal goňşyňa,
Ýa ol ähli dellallaryň pirimi?!
– Görüşeňde ahmal bolsaň, bildirmän,
Alyp galar bäş barmagyň birini.

– Bol, how, gardaş, “Kepderini çalyp ber,
Düşünemok “Keçpelege”, “Geline”.
– Üç sapar-a çaldym, ýa indi ony
Pasyrdadyp bereýinmi eliňe?

– A-how, eşdip goýuň, alýas, berýäs-de,
Undaýýas biz käte hasaplaşmagy.
Kimiň şu bendede algysy bolsa,
Beýläk baran wagty hasaplaşmaly.

– Çagalaryň bilen iýjekmi, goňşy,
Ýa az-owlak satjagammy naryňdan?
– A-how, hi, çaga-da nar dözüp bormy,
Geçýärkä bazarda onki ýarymdan?!

Atajan ANNABERDI Goşgular